# Alla dälmidir

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Alla dälmidir ALLA DÄLMIDIR




Asmany ýyldyzlap hem ýer, aý, günün,
Gudratyndan bar eýlän Alla dälmidir.
Ynsu, jynsu, meleklerin, hüýrlerin,
Gudratyndan bar eýlän Alla dälmidir.

Ýerde suwda ýörüten barça haýwanyn,
Gudratyndan bar eýlän Alla dälmidir.

Gündiz ýagtylygyn, gijäň tümligin,
Gudratyndan bar eýlän Alla dälmidir.

Baharyn, tomusyn, güýzin hem gyşyn,
Gudratyndan bar eýlän Alla dälmidir.

Dag deresin, çöl, tokaýyn, sährasyn,
Gudratyndan bar eýlän Alla dälmidir.

Bag-bakjasyn, ter miwesin, gül balyn,
Gudratyndan bar eýlän Alla dälmidir.

Bulutda örteýip garyn, ýagmyryn,
Gudratyndan bar eýlän Alla dälmidir.

Ýel şemalyn, gökniň haýwat atyşyn,
Gudratyndan bar eýlän Alla dälmidir.

Gar, ýagmyryn teşnelige dokuşyn,
Gudratyndan bar eýlän Alla dälmidir.

Ýerde-suwda ot ataşnyň erginin,
Gudratyndan bar eýlän Alla dälmidir.

Ajy-süýji suwuny deňziň serhetin,
Gudratyndan bar eýlän Alla dälmidir.

Göwher, altyn, zerin, ýakut, merjenin,
Gudratyndan bar eýlän Alla dälmidir.

Zerräni hem syr eden barça lokgany,
Gudratyndan bar eýlän Alla dälmidir.

Akyly hem göreji pikire jem neýlän,
Gudratyndan bar eýlän Alla dälmidir.

Ömüri hem ölümi ner nä nobatlan,
Gudratyndan bar eýlän Alla dälmidir.

Jennet-dowzah öýüniň gürüni oýlan,
Gudratyndan bar eýlän Alla dälmidir.

Eý müňkir, mynafyk gör bak, pikir eýle,
Allasyz bu işler bolunarmy söýle,
Allaha iman et, her dem zikir eýle,
Halmyrady şygyra eýlän Alla dälmidir.

10.01.2024 ýyl. Goşgular